# HOWPLY GALYNDYLARYŇ SERHETÜSTI DAŞALYŞYNA WE OLARYŇ ÇYKARYLYŞYNA GÖZEGÇILIK ETMEK HAKYNDAKY BAZEL KONWENSIÝASY

Howply galyndylaryň serhetüsti daşalyşyna we olaryň çykarylyşyna gözegçilik etmek hakyndaky Bazel konwensiýasy, howply galyndylarynyň halkara hereketini we olary ýok etmegini düzgünleşdirýän halkara şertnamadyr.

Häzirki wagtda Bazel konwensiýasyna 191 sany döwletler gatnaşýar. Konwensiýa adam saglygyny we daşky gurşawy howply galyndylary öndürmek, ulanmak, serhetüsti daşamak we ýok etmek bilen baglanyşykly zyýanly täsirlerden goramak üçin döredildi.

Bu konwensiýa 1989-njy ýylyň 22-nji martynda Şweýsariýa Konfederasiýasynyň Bazel şäherinde geçirilen konferensiýasynyň çäklerinde kabul edildi. Türkmenistan Bazel konwensiýasyna 1996-njy ýylyň 18-nji iýunynda gol çekdi we tassyklady.

## TARYHY:

1970-1980-nji ýyllarda ösen ýurtlar daşky gurşawy goramak talaplaryny berkitdiler, bu bolsa galyndylary daşalyşynyň we ýok etmeginiň bahasynyň ýokarlanmagyna sebäp boldy. Galyndylary taşlamagyň käbir hadysalary köpçüligiň nägileligini döretdi we howply galyndylary dolandyrmagyň halkara hukuk kadalaşdyrylmagy üçin aç-açan zerurlyk ýüze çykdy.

1987-nji ýylda bu meseläni çözmek üçin ähli döwletleriň arasynda gepleşikler başlandy we 1989-njy ýyla çenli Birleşen Milletler Guramasynyň Daşky gurşaw boýunça maksatnamasynyň (UNEP) howandarlygynda howply galyndylaryň serhetüsti hereketlerine gözegçilik etmek we olary ýok etmek baradaky konwensiýanyň taslamasy işlenip düzüldi.

**ESASY MAKSADY:**

Konwensiýanyň esasy maksady adamlaryň saglygyny we töwerekdäki gurşawy goramak üçin howply we beýleki galyndylaryň serhetüsti daşalyşyna pugta gözegçiligi ýola goýmakdan ybarat.

**KONWENSIÝANY TASSYKLAN DÖWLETLERIŇ BORÇNAMALARY:**

- Daşky gurşawy arassa dolandyrmagyň talaplaryna laýyklykda howply we beýleki galyndylaryň serhetüsti hereketlerini iň pes derejä çenli azaltmak;
- howply we beýleki galyndylary mümkin boldugyça ekologiýa taýdan arassa görnüşde gaýtadan işlemek;
- howply we beýleki galyndylaryň emele gelmegini azaltmak;
- howply galyndylar boýunça gözükdirijileri işläp taýýarlamak;
- howply galyndylara gözegçilik etmek boýunça konwensiýa gatnaşyjy beýleki döwletler bilen hyzmatdaşlyk etmek;
- howply galyndylary gaýtadan işlemek we ýok etmek barada maglumat bermek üçin zerur çäreleri durmuşa geçirmek.